**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Usulyýet geňeşi hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Usulyýet geňeşi (mundan beýläk – usulyýet geňeşi) hakynda Düzgünnama “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklanan “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Usulyýet geňeşi – toparlaýyn maslahat beriji organ bolmak bilen, ol pedagogiki işgärleriň okuw-terbiýeçilik işlerine ylmy-usuly taýdan ýardam bermek maksady bilen döredilýär.

1.3. Usulyýet geňeşi öz işinde Türkmenistanyň, ýokary guramalarynyň okuw-terbiýeçilik, usulyýet, taslama-gözleg işleri bilen baglanyşykly kadalaşdyryjy namalaryna, mekdebiň Tertipnamasyna, direktoryň buýruklaryna we görkezmelerine we beýleki içki Düzgünnamalara esaslanýar.

## II. Usulyýet geňeşiniň meseleleri

2.1. Usulyýet geňeşi öz işini usuly işleriň tassyklanan meýilnamasyna laýyklykda alyp barýar;

2.2. Usulyýet geňeşi dersler boýunça usuly birleşmeleriň okuw-terbiýeçilik işleriniň usulyýet üpjünçiligini kämilleşdirmäge gönükdirilen işlerini utgaşdyrýar;

2.3. Pedagogiki işgärleriň tejribesini öwrenmek we ýaýratmak işlerine gatnaşýar:

- işgärleriň pedagogiki tejribesini umumylaşdyrmak we ýaýratmak boýunça çäreleriň toplumyny işläp düzýär;
- mugallymlaryň sapaklaryna baha bermek işine gatnaşýar;
- bilim babatda öňdebaryjy tehnologiýalary we toplanan tejribeleri öwrenmek maksady bilen beýleki bilim edaralary bilen hyzmatdaşlygy guraýar.

2.4. Okuw-usuly resminamalara seretmek boýunça meseleleri utgaşdyrýar:

- dersleriň iş maksatnamalarynyň döwrebaplygyny we maksada laýyklygyny seljerýär;

- bilim maksatnamalaryny usulyýet taýdan üpjün edýär, şol sanda okuw sapaklaryny geçmegiň okuw we didaktiki materiallaryny işläp düzýär hem-de olary okuw işine ornaşdyrýar;
- täze pedagogiki tehnologiýalary özleşdirmäge gönükdirilen tejribe-gözleg, innowasion, taslama-gözleg işlerini guraýar, awtorlyk maksatnamalary, okuw-usuly toplumlaryň we ş.m. aprobasiýasyny işläp düzýär;
- okatmagyň täze tehnologiýalaryny, görnüşini we usullaryny gözlemek we aprobasiýa etmek boýunça pedagogiki we usulyýet barlaglaryny geçirýär;
- täze işe başlan mugallymlaryň hünär taýdan kämilleşmegi boýunça işleri guraýar.;
- mugallymlary maddy we ruhy taýdan goldamak boýunça teklipleri işläp düzýär.

2.5. Mugallymlary hünär taýdan kämilleşdirmek boýunça meselelere seredýär.

## III. Usulyýet geňeşiniň ygtyýarlyklary

- mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça teklipleri bermek;
- mekdepde okuw-terbiýeçilik işini gowulandyrmak boýunça teklipleri öňe sürmek;
- öňdebaryjy mugallymçylyk tejribeleri hakynda maglumatlary neşire hödürlemek barada çözgüdi kabul etmek;
- okuw-usulyýet işleri boýunça maglumat-seljeriş we beýleki maglumatlary neşire hödürlemek barada çözgüdi kabul etmek;
- ylmy-usuly we taslama-gözleg işlerine işjeň gatnaşan mugallymlary höweslendirmek üçin mekdebiň ýolbaşçylaryna ýüz tutmak.

## IV. Usulyýet geňeşiniň işiniň esasy ugurlary

- mekdepde alnyp barylýan okuw-usuly we ylmy-barlag işleriň esasy ugruny kesgitlemek;
- okuw-usuly we ylmy-barlag işleriň monitoringini ara alyp maslahatlaşmak we netijesi boýunça degişli çözgütleri kabul etmek;
- dürli görnüşli usulyýet materiallary ara alyp maslahatlaşmak, olary okuw işine ornaşdyrmagyň ýollaryny kesgitlemek;
- dersleriň takyk görnüşlerini okatmak boýunça usulyýetini işläp düzmek we tassyklamak;
- talyplaryň barlag işleriniň guramaçylyk, ýolbaşçylyk we gözegçilik meselelerine seretmek;
- okuw-usuly toplumlaryň hil görkezijilerini we okuw-usuly materiallary işläp düzmek boýunça hödürnamalary ara alyp maslahatlaşmak we tassyklamak;
- okuw-usuly materiallara seretmek, ara alyp maslahatlaşmak we neşire hödürlemek;

- mekdep üçin okuw-usulyýet işlerini kadalaşdyryjy ýeketäk usuly gözükdirijilere, hödürnamalara seretmek we tassyklamak;
- okuw sapaklaryny okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek we tejribe alyşmak maksady bilen özara sapaga gatnaşmak;
- okuw-usuly işleriň soraglary boýunça maslahatlary, ýygnaklary, tegelek stolyň başyndaky söhbetdeşligi we beýleki çäreleri gurnamak.

## V. Usulyýet geňeşiniň düzümini kesgitlemegiň, işini guramagyň tertibi we hereket edýän möhleti

5.1. Usulyýet geňeşiniň düzümi dersler boýunça usuly birleşmeleriň mugallymlaryndan, direktoryň orunbasaryndan we bölüm ýolbaşçylardan ybarat bolup, ol mekdebiň direktorynyň buýrugy esasynda döredilýär.

5.2. Usulyýet geňeşine ýolbaşçylygy geňeşiň başlygy amala aşyrýar. Ol mekdepde ylmy-usuly işe hem ýolbaşçylyk edýär.

5.3. Geňeşiň kätibi onuň agzalaryndan biri bolmak bilen, ol bir ýyl möhlet bilen saýlanýar. Kätip Usulyýet geňeşiniň guramaçylyk we tehniki, ýygnaklaryň materiallaryny taýýarlamak, teswirnamalaryny ýöretmek işlerini ýerine ýetirýär.

5.4. Usulyýet geňeşiniň agzalary öz işini jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda alyp barýarlar.

5.5. Usulyýet geňeşiniň hereket edýän möhleti mekdebiň direktory tarapyndan kesgitlenýär.

5.6. Usulyýet geňeşiniň ýygnaklary degişli okuw ýyly üçin tassyklanan iş meýilnamasyna laýyklykda geçirilýär. Usulyýet geňeşiniň ýygnaklary iki aýdan bir gezek geçirilýär. Şeýle hem zerurçylygyna görä ýüze çykan meseleleri dessine çözmek üçin meýilnamadan daşary ýygnaklar hem geçirilip bilner.

5.7. Usulyýet geňeşiniň ýygnaklary düzgün bolşy ýaly açyk ýagdaýda geçirilýär. Ýygnaklara seredilýän meseleler bilen bagly şahslar hem çagyrylyp bilner.

5.8. Usulyýet geňeşiniň kararyny kabul etmekde onuň agzalarynyň ýarysyndan köp bölegi gatnaşýan bolsa hukuk güýje eýedir.

5.9. Usulyýet geňeşinde çözgüt berilen sesleriň köplügi bilen kesgitlenýär we ol ýygnagyň teswirnamasynda hasaba alynýar. Ýygnagyň teswirnamasyna geňeşiň başlygy we kätibi gol çekýär. Usulyýet geňeşiniň käbir aýratyn çözgütleri mekdebiň direktorynyň buýrugy we geňeşiň başlygynyň görkezmesi esasynda durmuşa geçirilýär.

## VI. Usulyýet geňeşiniň hukuklary

6.1. Usulyýet geňeşi öz işini alyp barmakda aşakdaky hukuklara eýedir:
- mugallymlara hünär derejesini ýokarlandyrmagyň dürli görnüşlerini teklip etmäge;
- mekdepde okuw-terbiýeçilik işini gowulandyrmak boýunça teklipleri bermäge;
- öňdebaryjy mugallymçylyk tejribesi barada maglumatlary neşir etmek

hakynda meseleleri gozgamaga;
- okuw-usuly işleri barada dürli maglumat-seljeriş we beýleki materiallary neşir etmäge;
- ylmy-usuly we taslama-gözleg işlerine işjeň gatnaşan mugallymlary höweslendirmek hakynda mekdebiň ýolbaşçylarynyň öňünde meseleleri goýmaga.

6.2. Usulyýet geňeşiniň başlygy aşakdaky hukuklara eýedir:
- usulyýet geňeşiniň ýygnaklaryna ýolbaşçylyk etmäge;
- bölümlerden usulyýet geňeşiniň işi üçin zerur bolan maglumatlary we materiallary almaga;
- okuw-usuly materiallara syn almak üçin tejribeli hünärmenleri iş çekmäge.

## VII. Usulyýet geňeşiniň agzalarynyň borçlary

7.1. Usulyýet geňeşiniň başlygy şu aşakdakylara borçlanýar:
- meýilleşdirilen işleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge, nobatdaky ýygnagyň geçiriljek senesi, wagty we ýeri hakynda onuň agzalaryny duýdurmaga;
- köpçülikleýin kabul edilen çözgüt barada mugallymlar düzümini öz wagtynda duýdurmaga.

7.2. Usulyýet geňeşiniň kätibi şu aşakdakylara borçlanýar:
- ýygnaklaryň teswirnamalaryny baý mazmunly, seredilýän ähli soraglary we kabul edilen çözgütleri ýoýmazdan beýan etmäge;
- usulyýet geňeşiniň ýygnaklarynyň teswirnamalaryny bellenen ýerde saklamaga.

7.3. Usulyýet geňeşiniň agzalary şu aşakdakylara borçlanýar:
- usulyýet geňeşiniň ähli ýygnaklaryna gatnaşmaga, eger-de sebäpli gatnaşyp bilmeýän bolsa, bu barada geňeşiň başlygyny duýdurmaga.